Türkmenistanyň Sport we ýaşlar
syýasaty ministriniň
2019-njy ýylyň 26-njy noýabrynda
çykaran 708-ö belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

**Sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryna dalaşgär türgenleriň sanawlaryny döretmegiň umumy ýörelgeleri we çelgileri, şeýle hem bu sanawlary tassyklamagyň tertibi**

1. Şu Sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryna dalaşgär türgenleriň sanawlaryny döretmegiň umumy ýörelgeleri we çelgileri, şeýle hem bu sanawlary tassyklamagyň tertibi (mundan beýläk - Tertip) "Bedenterbiýe we sport hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 37-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy hem-de sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryna dalaşgär türgenleriň sanawlaryny döretmegiň umumy ýörelgelerini, çelgilerini hem-de bu sanawlary tassyklamagyň tertibini düzgünleşdirýär.

2. Şu Tertipde ulanylýan esasy düşünjeler "Bedenterbiýe we sport hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda ulanylýar.

3. Sportuň degişli görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryna dalaşgär türgenleriň sanawlary (mundan beýläk - Sanawlar) her ýyl sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýalar tarapyndan döredilýär we Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi (mundan beýläk - Ministrlik) tarapyndan tassyklanylýar.

4. Sanawlar Sportuň görnüşleriniň döwlet sanawyna girizilen sport görnüşleri boýunça döredilýär (muňa sportuň harby-amaly we gulluk-amaly görnüşleri girmeýär).

5. Sanawlar türgenleriň umumydöwlet sport ýaryşlarynda, Türkmenistanyň çäginde geçirilen halkara sport ýaryşlarynda we sebit boýunça geçirilen sport ýaryşlarynda olaryň görkezen çykyşlarynyň netijeleri boýunça döredilýär.

6. Sanawlar şu aşakdaky 2 (iki) düzüm boýunça döredilýär:

1) esasy düzüm boýunça;

2) ätiýaçlyk düzümi boýunça.

7. Sanawlary döretmegiň umumy ýörelgeleri şu aşakdakylardan ybarat:

1) umumydöwlet sport ýaryşlarynda, Türkmenistanyň çäginde geçirilen halkara sport ýaryşlarynda we sebit boýunça geçirilen sport ýaryşlarynda türgenleriň eden çykyşlaryna hemmetaraplaýyn baha bermekden;

2) ýurduň türgenleriniň halkara sport ýaryşlaryna gatnaşmagyny, sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlarynyň kemala getirilmegini üpjün etmekden;

3) sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryna dalaşgär türgenlere bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmak üçin deň şertleri döretmekden;

4) her sport görnüşiniň aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryna dalaşgär türgenleri saýlap seçip almakdan.

8. Sanawlara umumydöwlet sport ýaryşlarynda, Türkmenistanyň çäginde geçirilen halkara sport ýaryşlarynda we sebit boýunça geçirilen sport ýaryşlarynda eden çykyşlarynda ýokary netijeleri görkezen dürli ýaşdaky topara degişli türgenler şu aşakdaky çelgileriň talaplaryna laýyk gelen ýagdaýynda girizilýär:

1) Tomusky Olimpiýa oýunlarynyň meýilnamasyna girizilen sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryna dalaşgär türgenleriň sanawlaryny döretmegiň çelgileriniň (şu Tertibe 1-nji goşundy);

2) Gyşky olimpiýa oýunlarynyň meýilnamasyna girizilen sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryna dalaşgär türgenleriň sanawlaryny döretmegiň çelgileriniň (şu Tertibe 2-nji goşundy);

3) Maýyplygy bolan adamlara degişli sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryna dalaşgär türgenleriň sanawlaryny döretmegiň çelgileri (şu Tertibe 3-nji goşundy);

4) Olimpiýa oýunlarynyň ýa-da Gyşky olimpiýa oýunlarynyň meýilnamasyna girizilmedik sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryna dalaşgär türgenleriň sanawlaryny döretmegiň çelgileriniň (şu Tertibe 4-nji goşundy).

Şeýle hem, Sanawlara Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryna dalaşgär türgenleriň gönümel taýýarlygyna gatnaşýan tälimçiler hem-de bedenterbiýe we sport çygrynda beýleki hünärmenler hem girizilýär.

9. Sanawlar Sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýalar tarapyndan Sportuň degişli görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryna dalaşgär türgenleriň sanawlaryna (şu Tertibe 5-nji goşundy) laýyklykda döredilip, degişli milli federasiýanyň ýolbaşçysy, degişli sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlarynyň baş (uly) tälimçisi tarapyndan gol çekilip, sportuň görnüşleri boýunça her ýylyň dekabr aýynyň ahyryna çenli Ministrlige hödürlenilýär.

10. Sanawlar Ministrlige tassyklanylmagy üçin 4 (dört) nusgada hödürlenilýär, olaryň biri elektron göterijide berilýär.

11. Hödürlenen Sanawlar Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministriniň degişli orunbasary bilen ylalaşylýar we Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministri tarapyndan 30 (otuz) senenama gününiň dowamynda tassyklanylýar.

12. Ministrlik tarapyndan tassyklanan Sanawlaryň 1 (bir) nusgasy Sanawlaryň tassyklanylmagyna hödürlän sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýasyna iberilýär.

13. Sanawlar şu aşakdaky esaslar boýunça tassyklanylmaga degişli däldir:

1) hödürlenen Sanawlaryň şu Tertibiň ýedinji we sekizinji böleklerinde görkezilen umumy ýörelgelere we çelgilere laýyk gelmedik ýagdaýynda, şeýle hem Sanawlary hödürlemek üçin bellenilen möhletiň bozulmagy;

2) hödürlenen Sanawlarda hakykata laýyk gelmeýän ýa-da ýoýulan maglumatlaryň berilmegi.

14. Ministrlik tarapyndan tassyklanan Sanawlara üýtgetmeleri ýa-da goşmaçalary girizmek şu Tertibiň 5-nji goşundysyna laýyklykda düzülip hödürlenen sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýanyň tekliplerine laýyklykda amala aşyrylýar.

15. Tassyklanan Sanawlara üýtgetmeleri ýa-da goşmaçalary girizmek barada sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýanyň hödürlän tekliplerine Ministrlik tarapyndan teklipleriň gelip gowşan gününden başlap, 10 (on) iş gününiň dowamynda seredilip, tassyklanan Sanawlara üýtgetmeleri ýa-da goşmaçalary girizmek ýa-da girizmekden ýüz döndermek hakynda çözgüt kabul edilýär.

16. Şu aşakdaky esaslar boýunça tassyklanan Sanawlara üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizilmäge degişli däldir:

1) hödürlenen üýtgetmeleriň ýa-da goşmaçalaryň şu Tertibiň ýedinji we sekizinji böleklerinde görkezilen talaplara laýyk gelmese;

2) hödürlenen üýtgetmelerde ýa-da goşmaçalarda hakykata laýyk gelmeýän ýa-da ýoýulan maglumatlar bar bolsa.

17. Ministrlik tarapyndan şu Tertibiň on bäşinji böleginde görkezilen çözgütler barada çözgüt kabul edilen gününden başlap, 2 (iki) iş gününiň dowamynda sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýa habar berilýär.

Sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli
ýygyndy toparlaryna dalaşgär türgenleriň sanawlaryny
döretmegiň umumy ýörelgeleri we çelgileri,
bu sanawlary tassyklamagyň tertibine
1-nji goşundy

## Tomusky Olimpiýa oýunlarynyň meýilnamasyna girizilen sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryna dalaşgär türgenleriň sanawlaryny döretmegiň çelgileri

| t/b | Sport görnüşleri, sport ugurlary | Olimpiýa oýunlary, Aziýa oýunlary, Dünýä çempionaty | | Aziýa çempionaty, Halkara we sebitleýin derejedäki ýaryşlar | | Türkmenistanyň çempionaty we kubogy | | Türkmenistanyň Spartakiadiýasy, Birinjiligi | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | Ýetginjekler, ýetginjek çagalar | | Oglanlar, gyzlar | |
| Sport ýaryşynyň häsiýeti (ady) | | | | | | | | | | | |
| | | Şahsy ýaryşlar | Toparlaýyn ýaryşlary | Şahsy ýaryşlar | Toparlaýyn ýaryşlary | Şahsy ýaryşlar | Toparlaýyn ýaryşlary | Şahsy ýaryşlar | Toparlaýyn ýaryşlary | Şahsy ýaryşlar | Toparlaýyn ýaryşlary |
| Türgenleriň netijesi (alan ýeri) | | | | | | | | | | | |
| | Agyr atletika | 1-8 | | 1-5 | | 1-2 | | 1-2 | | 1-2 | |
| 2. | Akademiki küreklemek | 1-18 | 1-18 | 1-8 | 1-18 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 |
| 3. | Atçylyk sporty | 1-10 | | 1-8 | | 1-2 | - | 1-3 | | 1-3 | |

| | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 4. | Badminton | 1-20 | 1-20 | 1-8 | 1-8 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 |
| 5. | Basketbol | - | 1-12 | | 1-8 | - | 1-2 | - | 1-2 | | 1-2 |
| 6. | Boks | 1-8 | - | 1-8 | - | 1-2 | | 1-2 | - | 1-2 | - |
| 7. | Woleýbol | - | 1-14 | - | 1-8 | - | 1-2 | 1-2 | - | | 1-2 |
| 8. | Kenarýaka woleýboly | - | 1-12 | - | 1-14 | - | 1-2 | 1-2 | - | | 1-2 |
| 9. | Welosport şosse | 1-30 | 1-30 | 1-30 | 1-30 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 |
| 10. | Welosport trek | 1-30 | 1-30 | 1-30 | 1-30 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 |
| 11. | Gylyçlaşmak | 1-14 | 1-14 | 1-14 | 1-14 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 |
| 12. | Gandbol | - | 1-16 | - | 1-12 | - | 1-2 | - | 1-2 | - | 1-2 |
| 13. | Golf | 1-30 | - | 1-8 | | 1-3 | - | 1-3 | | 1-3 | |
| 14. | Baýdarka we kanoeda küreklemek | 1-18 | 1-14 | 1-3 | 1-7 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 |
| 15. | Dzýudo | 1-10 | 1-7 | 1-8 | 1-8 | 1-2 | | 1-2 | | 1-2 | 1-2 |
| 16. | Karate | 1-7 | 1-7 | 1-7 | 1-7 | 1-2 | | - | | - | - |
| 17. | Sport göreşi erkin we grek-rim | 1-8 | | 1-6 | | 1-2 | | 1-2 | | 1-2 | |
| 18. | Ýeňil atletika | 1-16 | 1-16 | 1-6 | 1-6 | 1-2 | 1-2 | - | 1-2 | 1-2 | 1-2 |
| 19. | Stol üstünde oýnalýan tennis | 1-32 | 1-8 | - | 1-8 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 |
| 20. | Suwda ýüzmek | 1-16 | 1-16 | 1-8 | 1-8 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 |
| 21. | Sazlaşykly suwda ýüzmek | 1-16 | 1-12 | 1-8 | 1-8 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 |
| 22. | Suwa bökmek | 1-16 | - | 1-8 | | 1-2 | | 1-2 | | 1-2 | |

| | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 23. | Suwda pökgi oýnamak | | 1-18 | | 1-8 | | 1-2 | | 1-2 | | 1-2 |
| 24. | Tennis | 1-18 | 1-18 | 1-16 | 1-16 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 |
| 25. | Taekwondo | 1-16 | | 1-8 | | 1-2 | | 1-2 | | 1-2 | |
| 26. | Çeperçilik gimnastika | 1-10 | | 1-6 | | 1-2 | - | 1-2 | | 1-2 | |
| 27. | Sport gimanstikasy | 1-10 | 1-10 | 1-6 | 1-6 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 |
| 28. | Sport atyşyk | 1-10 | | 1-8 | | 1-2 | | 1-2 | | 1-2 | |
| 29. | Futbol | | 1-8 | | 1-8 | | 1-2 | | 1-2 | | 1-2 |
| 30. | Otuň üstünde oýnalýan hokkeý | | 1-16 | | 1-16 | | 1-2 | | 1-2 | | 1-2 |
| 31. | Ýaý atyjylyk sporty | 1-18 | 1-8 | 1-5 | 1-5 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 |

Sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli
ýygyndy toparlaryna dalaşgär türgenleriň sanawlaryny

döretmegiň umumy ýörelgeleri we çelgileri,
bu sanawlary tassyklamagyň tertibine 2-nji goşundy

**Gyşky olimpiýa oýunlarynyň meýilnamasyna girizilen sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryna dalaşgär türgenleriň sanawlaryny döretmegiň çelgileri**

| /b | Sport görnüşleri, sport ugurlary | Olimpiýa oýunlary, Aziýa oýunlary, Dünýä çempionaty | | Aziýa çempionaty, Halkara we sebitleýin derejedäki ýaryşlar | | Türkmenistanyň çemionaty we kubogy | | Türkmenistanyň Spartakiadiýasy, Birinjiligi | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | Ýetginjekler, ýetginjek çagalar | | Oglanlar, gyzlar | |
| Sport ýaryşynyň häsiýeti (ady) | | | | | | | | | | | |
| | | Şahsy ýaryşlar | Toparlaýyn ýaryşlary | Şahsy ýaryşlar | Toparlaýyn ýaryşlary | Şahsy ýaryşlar | Toparlaýyn ýaryşlary | Şahsy ýaryşlar | Toparlaýyn ýaryşlary | Şahsy ýaryşlar | Toparlaýyn ýaryşlary |
| Türgeniň netijesi (alan ýeri) | | | | | | | | | | | |
| | Figuralaýyn typmak | 1-15 | - | 1-8 | - | 1-2 | - | 1-2 | - | 1-2 | - |
| | Şaýbaly hokkeý | - | 1-12 | | 1-8 | - | 1-2 | - | 1-2 | | 1-12 |
| | Şort-trek | 1-15 | - | | 1-14 | - | 1-2 | - | 1-2 | | 1-3 |

Sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy
toparlaryna dalaşgär türgenleriň sanawlaryny döretmegiň umumy

ýörelgeleri we çelgileri, bu sanawlary tassyklamagyň tertibine 3-nji goşundy

## Maýyplygy bolan adamlara degişli sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryna dalaşgär türgenleriň sanawlaryny döretmegiň çelgileri

### Daýanç hereket etmeklik aparaty işlemeýän adamlaryň sporty (tomusky sport ugurlary)

| t/b | Sport ugurlary | Paralimpiýa oýunlary, Dünýä çempionaty | | Aziýa we Ýewropa çempionaty, Dünýäniň kubogy | | Türkmenistanyň çempionaty | | Türkmenistanyň birinjiligi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Şahsy sport ýaryşy, sport görnüşi boýunça ýygyndy topardaky ýaryşy | Topar ýaryşlary, estafetler | Şahsy sport ýaryşy, sport görnüşi boýunça ýygyndy topardaky ýaryşy | Topar ýaryşlary, estafetler | Şahsy sport ýaryşy, sport görnüşi boýunça ýygyndy topardaky ýaryşy | Topar ýaryşlary, estafetler | Şahsy sport ýaryşy, sport görnüşi boýunça ýygyndy topardaky ýaryşy |
| 1 | Akademiki kürekleme | 1-8 | | 1-8 | | 1-3 | | 1-2 |
| 2 | Armsport | 1-8 | | 1-6 | | 1-3 | | 1-2 |
| 3 | Kolýaskadaky oýnalýan basketbol | 1-12 | | 1-6 | | 1-2 | | 1-2 |
| 4 | Badminton | 1-8 | | 1-6 | | 1-3 | | 1-2 |
| 5 | Oturyp oýnalýan woleýbol | 1-8 | | 1-6 | | 1-2 | | 1-2 |
| 6 | Atçylyk sporty | 1-12 | | 1-6 | | 1-3 | | 1-2 |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 7 | Ýeňil atletika | 1-8 | 1-3 | 1-3 | | 1-2 | 1-3 | 1-2 |
| 8 | Stol üstünde oýnalýan tennis | 1-8 | 1-6 | 1-4 | | 1-3 | 1 | 1-2 |
| 9 | Pauerlifting | 1-8 | | 1-6 | | 1-3 | | 1-2 |
| 10 | Suwda ýüzmek | 1-8 | | 1-6 | | 1-3 | | 1-2 |
| 11 | Ýaý atyjylyk | 1-8 | 1-3 | 1-3 | 1-2 | 1-3 | 1 | 1-2 |
| 12 | Kolýaskadaky oýnalýan tanslar | 1-8 | | 1-6 | | 1-3 | | 1-2 |
| 13 | Kolýaskadaky oýnalýan tennis | 1-8 | | 1-3 | | 1-3 | | 1-2 |
| 14 | Gylyçlaşmak | 1-8 | 1-6 | 1-4 | | 1-3 | 1-3 | 1-2 |
| 15 | Futbol (eli we/ýa-da aýagy ýoklaryň) | 1-6 | | 1-3 | | 1-2 | | 1-2 |
| 16 | Küşt | 1-6 | | 1-4 | | 1-3 | | 1-2 |
| 17 | Şaşka | 1-6 | | 1-4 | | 1-3 | | 1-2 |

**Kerler üçin sport (tomusky sport ugurlary)**

| t/b | Sport ugurlary | Surdolimpiýa oýunlary, Dünýä çempionaty | Ýewropanyň çempionaty, Dünýäniň kubogy | Türkmenistanyň çempionaty | Türkmenistanyň birinjiligi |
|---|---|---|---|---|---|

| | | Şahsy sport ýaryşy, sport görnüşi boýunça ýygyndy topardaky ýaryşy | Topar ýaryşlary, estafetler | Şahsy sport ýaryşy, sport görnüşi boýunça ýygyndy topardaky ýaryşy | Topar ýaryşlary, estafetler | Şahsy sport ýaryşy, sport görnüşi boýunça ýygyndy topardaky ýaryşy | Topar ýaryşlary, estafetler | Şahsy sport ýaryşy, sport görnüşi boýunça ýygyndy topardaky ýaryşy |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Badminton | 1-6 | 1-3 | 1-6 | | 3 | 1 | 1-2 |
| 2 | Basketbol | 1-6 | | 1-6 | | 1-3 | | 1-2 |
| 3 | Bowling | 1-6 | | 1-3 | | 1-3 | | 1-2 |
| 4 | Erkin göreş | 1-6 | | 1-6 | | 1-3 | | 1-2 |
| 5 | Woleýbol – Woleýbol (6 x 6) | 1-6 | | 1-3 | | 1-3 | | 1 |
| 6 | Kenar woleýboly (2 x 2) | 1-6 | | 1-3 | | 1-3 | | 1 |
| 7 | Grek-rim göreşi | 1-6 | | 1-6 | | 1-3 | | 1-2 |
| 8 | Dzýudo | 1-6 | | 1-6 | | 1-3 | | 1-2 |
| 9 | Karate | 1-6 | | 1-6 | | 1-3 | | 1-2 |
| 10 | Ýeňil atletika | 1-6 | 1-3 | 1-6 | | 1-3 | 1-2 | 1-2 |
| 11 | Stol üstünde oýnalýan tennis | 1-6 | 1-3 | 1-6 | 1-2 | 1-3 | 1 | 1-2 |
| 12 | Suwda ýüzmek | 1-6 | 1-4 | 1-6 | 1-2 | 1-3 | 1 | 1-2 |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 13 | Ok atmak | 1-6 | 1-3 | 1-6 | 1-2 | 1-3 | 1-2 | 1-2 |
| 14 | Futbol (11 x 11) | 1-6 | | 1-6 | | 1-3 | | 1-2 |
| 16 | Küşt | 1-6 | | 1-6 | | 1-3 | | 1-2 |

**Kerler üçin sport (gyşky sport ugurlary)**

| t/b | Sport ugurlary | Surdolimpiýa oýunlary, Dünýä çempionaty | | Ýewropanyň çempionaty, Dünýäniň kubogy | | Türkmenistanyň çempionaty | | Türkmenistanyň birinjiligi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Şahsy sport ýaryşy, sport görnüşi boýunça ýygyndy topardaky ýaryşy | Topar ýaryşlary, estafetler | Şahsy sport ýaryşy, sport görnüşi boýunça ýygyndy topardaky ýaryşy | Topar ýaryşlary, estafetler | Şahsy sport ýaryşy, sport görnüşi boýunça ýygyndy topardaky ýaryşy | Topar ýaryşlary, estafetler | Şahsy sport ýaryşy, sport görnüşi boýunça ýygyndy topardaky ýaryşy |
| 1 | Hokkeý | 1-6 | | 1-6 | | 1-3 | | 1 |

**Körler üçin sport (tomusky sport ugurlary)**

| t/b | Sport ugurlary | Paralimpiýa oýunlary, Dünýä çempionaty | Ýewropanyň çempionaty, Dünýäniň kubogy | Türkmenistanyň çempionaty | Türkmenistanyň birinjiligi |
|---|---|---|---|---|---|

| | | Şahsy sport ýaryşy, sport görnüşi boýunça ýygyndy topardaky ýaryşy | Topar ýaryşlary, estafetler | Şahsy sport ýaryşy, sport görnüşi boýunça ýygyndy topardaky ýaryşy | Topar ýaryşlary, estafetler | Şahsy sport ýaryşy, sport görnüşi boýunça ýygyndy topardaky ýaryşy | Topar ýaryşlary, estafetler | Şahsy sport ýaryşy, sport görnüşi boýunça ýygyndy topardaky ýaryşy | Topar ýaryşlary, estafetler |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Armsport | | | | | 1 | | 1-3 | 1-2 |
| 2 | Göreş | 1-6 | | 1-4 | | 1-3 | | 1-3 | 1-2 |
| 3 | Bowling | | | | | 1-3 | | 1-3 | 1-2 |
| 4 | Welosiped sporty -tandem | 1-8 | | 1-6 | | 1-3 | | 1-3 | 1-2 |
| 5 | Golbol | 1-6 | | 1-6 | | 1-3 | | 1-2 | 1-2 |
| 6 | Dzýudo | 1-8 | | 1-6 | | 1-6 | 1-4 | 1-3 | 1-2 |
| 7 | Ýeňil atletika | 1-8 | | 1-6 | | 1-3 | | 1-3 | 1-2 |
| 8 | Pauerlifting | 1-8 | | 1-6 | | 1-3 | | 1-3 | 1-2 |
| 9 | Suwda ýüzmek | 1-8 | | 1-6 | | 1-3 | | 1-3 | 1-2 |
| 10 | Ok atmak | | | 1-2 | | | | 1-3 | 1-2 |
| 11 | Torbol | 1-6 | | 1-4 | | 1-3 | | 1-2 | 1-2 |
| 12 | Küşt | 1-6 | | 1-4 | | 1-3 | | 1-3 | 1-2 |
| 13 | Şaşka | | | 1-4 | | 1-6 | | 1-3 | 1-2 |

**Körler üçin futbol**

| T/b | Sport ugurlary | Paralimpiýa oýunlary, | Ýewropanyň çempionaty, | Türkmenistanyň çempionaty | Ýewropanyň birinjiligi | Türkmenistanyň birinjiligi |
|---|---|---|---|---|---|---|

| | | Dünýä çempionaty | Dünýäniň kubogy | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Mini-futbol 5 x5 (B1) | 1-6 | 1-4 | 1-4 | 1-4 | 1-2 |
| 2 | Futzal 5 x5 (B2, B3) | 1-6 | 1-4 | 1-4 | 1-4 | 1-2 |

**Aňy we huşy şikeslileriň futboly**

| Sport ugurlary | Paralimpiýa oýunlary, Dünýä çempionaty | Ýewropanyň çempionaty, Dünýäniň kubogy | Türkmenistanyň çempionaty | Türkmenistanyň birinjiligi |
|---|---|---|---|---|
| Futbol (7 x 7) | 1-6 | 1-6 | 1-6 | 1-6 |

Sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy
toparlaryna dalaşgär türgenleriň sanawlaryny döretmegiň umumy
ýörelgeleri we çelgileri, bu sanawlary tassyklamagyň tertibine 4-nji goşundy

**Tomusky Olimpiýa oýunlarynyň ýa-da Gyşky Olimpiýa oýunlarynyň meýilnamasyna girizilmedik sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryna dalaşgär türgenleriň sanawlaryny döretmegiň çelgileri**

| t/b | Sport görnüşleri, sport ugurlary | Aziýa oýunlary we Dünýä çempionaty | | Aziýa çempionaty, Halkara we sebitleýin derejedäki ýaryşlar | | Türkmenistanyň çemionaty we kubogy | | Türkmenistanyň Spartakiadiýasy, Birinjiligi | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | Ýetginjekler, ýetginjek çagalar | | Oglanlar, gyzlar | |
| Sport ýaryşynyň häsiýeti (ady) | | | | | | | | | | | |
| | | Şahsy ýaryşlar | Toparlaýyn ýaryşlary | Şahsy ýaryşlar | Toparlaýyn ýaryşlary | Şahsy ýaryşlar | Toparlaýyn ýaryşlary | Şahsy ýaryşlar | Toparlaýyn ýaryşlary | Şahsy ýaryşlar | Toparlaýyn ýaryşlary |
| Türgeniň netijesi (alan ýeri) | | | | | | | | | | | |
| 1 | Sportuň oýun görnüşleri | | 1-6 | | 1-3 | | 1-2 | | 1-2 | | 1-2 |
| 2 | Sportuň başa-baş görnüşleri | 1-6 | | 1-3 | | 1-2 | | 1-2 | | 1-2 | |
| 3 | Beýleki sport görnüşleri | 1-8 | 1-8- | 1-3 | 1-3 | 1-3 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 | 1-2 |

Sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryna dalaşgär türgenleriň sanawlaryny döretmegiň umumy ýörelgeleri we çelgileri, sanawlary tassyklamagyň tertibine 5-nji goşundy

**Sportuň degişli görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryna dalaşgär türgenleriň sanawlary**

Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlary bilen işleýän tälimçiler we beýleki bedenterbiýe we sport çygrydaky hünärmenler:

| t/b | Familiýasy, ady, atasynyň ady | Doglan senesi | Sport derejesi, hormatly sport derejesi | Spotuň görnüşi ýa-da ugurlary | Ýaşaýan ýeriniň anyk salgysy (şäheri) | Esasy iş ýeri (kärhanasynyň ady) | Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlarynyň iş döwri (ýylynyň möçberi) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| | | | | | | | |

## Esasy düzüm boýunça

**Erkekler, aýallar:**

| t/b | Familiýasy, ady, atasynyň ady | Jynsy, doglan senesi | Sport derejesi | Esasy iş ýa-da okaýan ýeri | Ýaşaýan ýeriniň anyk salgysy (şäheri) | Tälimçisi | Sport ýaryşlarynda görkezen ýokary netijesi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| | | | | | | | |

**Ýaşlar, ýetginjekler:**

| t/b | Familiýasy, ady, atasynyň ady | Jynsy, doglan senesi | Sport derejesi | Okaýan ýeri | Ýaşaýan ýeriniň anyk salgysy (şäheri) | Tälimçisi | Sport ýaryşlarynda görkezen ýokary netijesi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| | | | | | | | |

**Kiçiler:**

| t/b | Familiýasy, ady, atasynyň ady | Jynsy, doglan senesi | Sport derejesi | Okaýan ýeri | Ýaşaýan ýeriniň anyk salgysy (şäheri) | Tälimçisi | Sport ýaryşlarynda görkezen ýokary netijesi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| | | | | | | | |

## Ätiýaçlyk düzümi boýunça

**Erkekler, aýallar:**

| t/b | Familiýasy, ady, atasynyň ady | Jynsy, doglan senesi | Sport derejesi | Esasy iş ýa-da okaýan ýeri | Ýaşaýan ýeriniň anyk salgysy (şäheri) | Tälimçisi | Sport ýaryşlarynda görkezen ýokary netijesi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |

Sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýanyň
ýolbaşçysy: _____________ __________________________

(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

Degişli sportuň görnüşi boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparyň baş (uly) tälimçisi:

_________ _____________________________

(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2019-njy ýylyň 19-njy dekabrynda 1283 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.